TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI
TÜRKMENISTANYŇ DAŞARY IŞLER MINISTRLIGINIŇ
HALKARA GATNAŞYKLARY INSTITUTY

# MAGTYMGULY PYRAGYNYŇ UMUMADAMZAT ÄHMIÝETLI PARAHATÇYLYK TAGLYMATY WE HÄZIRKI ZAMANYŇ MÖHÜM MESELELERI

(ylmy makalalaryň ýygyndysy)

***Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygyna***

Aşgabat
"Ylym" neşirýaty
2023

UOK 008:82+001(575.4)
M 16

M 16 **Magtymguly Pyragynyň umumadamzat ähmiýetli parahatçylyk taglymaty we häzirki zamanyň möhüm meseleleri.** Ylmy makalalaryň ýygyndysy. – A.: Ylym, 2023. – 240 s.

Kitap Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary instituty tarapyndan Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygyna bagyşlanylyp taýýarlanyldy.

Ýygyndy üç sany tematiki bapdan ybarat bolup, olarda her babyň adyna laýyk gelýän makalalar ýerleşdirildi.

Ýygyndynyň birinji baby «Magtymguly Pyragynyň döwletlilik taglymatynyň Garaşsyz we Bitarap Türkmenistanyň milli bähbitlerini üpjün etmekdäki binýatlyk orny» diýlip atlandyrylyp, onda Magtymgulynyň syýasy-jemgyýetçilik meseleler bilen baglanyşykly garaýyşlary seljerilýär. Bu bapda ýerleşdirilen makalalaryň häsiýetli taraplarynyň biri olarda Magtymgulynyň döredijiliginde gozgalýan we onuň döwründe bolup geçen wakalaryň häzirki zaman şertlerindäki derwaýyslygynyň nukdaýnazaryndan seljerme bermeklige synanyşyk edilendigidir.

Ýygyndynyň «Magtymgulynyň paýhas-filosofiki we ahlak-edep garaýyşlarynyň terbiýeçilik ähmiýeti» atly ikinji babyndaky makalalarda Magtymguly Pyragynyň döredijiliginde paýhas-filosofiki, ruhy-ahlak gymmatlyklaryň, ynsan edebi adamkärçilik, terbiýe we wagyz-nesihat meseleleriniň şu gün bilen baglanyşygy baradaky pikirler öňe sürülýär.

Ýygyndynyň üçünji baby «Magtymguly Pyragynyň döredijilik mirasy adamzat medeniýetiniň genji-hazynasydyr» diýlip atlandyrylyp, onda degişli temadaky derwaýys meseleleriň derňewine bagyşlanylan makalalar ýerleşdirildi.

Kitap giň okyjylar köpçüligine niýetlenilýär.

TDKP № 235, 2023 KBK 71+84+72 (Tü)

© Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň
Halkara gatnaşyklary instituty, 2023
© “Ylym” neşirýaty, 2023

maga ygtyýar bermek barada karar kabul etdi. Bu barada gutarnykly çözgüdiň 2023-nji ýylyň noýabrynda geçiriljek ÝUNESKO-nyň Baş maslahatynyň dowamynda yglan edilmegine garaşylýar. Türkmen halkynyň akyldar şahyry Magtymguly Pyragynyň edebi mirasynyň umumadamzat ýazuw ýadygärlikleriniň altyn hazynasyna girizilmegi beýik şahyryň baý hem-de gymmatly eserleriniň ömrüniň geljekde ençeme müňýyllyklara uzap gitjekdiginiň aýdyň subutnamasydyr. Munuň özi türkmen medeniýetiniň, edebiýatynyň, şygryýet sungatynyň halkara giňişliginde gazanan beýik ýeňşidir.

## EDEBIÝAT


1. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Ynsan kalbynyň öçmejek nury. – A.: TDNG, 2014.

2. *Mustakow R.* Magtymguly we Gündogar edebiýaty. – A.: TDNG, 2014.

3. *Бертельс Е.Э.* Махтумкули о художественном творчестве.– Вкн. Махтумкули (Сборник статей о жизни и творчестве поэта). – А.:1960.



**Amangeldi Rahmanow**
*Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň*
*Halkara gatnaşyklary institutynyň kafedra müdiri,*
*Türkmenistanyň Adatdan daşary we Doly ygtyýarly Ilçisi,*
*taryh ylymlarynyň doktory, professor*


# MAGTYMGULY PYRAGYNYŇ DÜNÝÄ MEDENIÝETINE GOŞAN GOŞANDY WE AKYLDARYŇ DÖREDIJILIGINDÄKI DIPLOMATLARA MAHSUS SYPATLAR BARADA

Türkmeniň akyldar şahyry Magtymguly Pyragy diňe bir türkmen halkynyň däl, eýsem, beýleki halklaryň hem beýik şahyrydyr. Magtymguly Pyragynyň mirasy Wawilon daş ýazgylaryndan başlap, biziň şu günki günlerimize çenli adam akylynyň miweleri ýygnalan eserleriniň iki ýüz tomluk «Dünýä edebiýatynyň kitaphanasynda», şeýle hem «Gündogar şygyrlary» kitabynda özüniň giňişleýin beýanyny tapdy. Ferdöwsi, Nyzamy, Nowaýy, Hafyz, Sagdy, Ýunus Emre ýaly Gündogaryň meşhur şahyrlarynyň arasynda türkmeniň beýik şahyry Magtymgulynyň ady hem şöhle saçýar. Magtymguly Pyragy Günbataryň edebiýat dünýäsine 1842-nji ýylda polýak ýazyjysy we alymy Aleksandr Hodzko tarapyndan Londonda onuň üç goşgusynyň iňlis diline terjime edilmegi, şeýle hem wenger alymy German Wamberiniň nemes terjimeçileri bilen türkmen şahyrynyň 30 sany goşgusynyň çap edilmegi bilen aralaşdy.

XX asyrdan Magtymguly Pyragynyň edebi mirasy dünýäniň ýurtlaryna has giňişleýin ýaýrap başlady. Mysal üçin, 1960-njy ýylda Magtymguly Pyragynyň

doglan gününiň 225 ýyllygyny dünýä jemgyýetçiligi giňden belläp geçdi. Beýik şahyra we onuň halkyna hormatyň nyşany hökmünde Magtymgulynyň ýubileýi bilen bagly bolan dabara gatnaşmak üçin Aşgabada dünýäniň ençeme ýurtlarynyň edebiýatlarynyň wekilleri, şol sanda wenger ýazyjysy Makloş Sabolçi, wýetnam prozaçysy Hguen Hoan, Koreýa Halk Demokratik Respublikasynyň ýazyjylar birleşiginiň sekretary Pak Un Ger we başgalar geldiler. Dabaraly mejlisde çykyş etmek bilen, Mongoliýanyň ýazyjylar birleşiginiň sekretary Çoýlyn Çimid şeýle diýdi: «Türkmen edebiýatynyň beýik klassygy Magtymgulynyň ady Mongoliýada Puşkiniň, Tolstoýyň, Rustaweliniň, Nowaýynyň, Nyzamynyň atlary ýaly giňden bellidir. Biz Magtymgulynyň watan, adam, şygyr, söýgi baradaky adamkärçilik we halklaryň doganlygy ruhuna ýugrulan eserlerini söýýäris. Beýik şahyr öz döwrüniň öňdebaryjy akyllarynyň iň gowy ymtylmalaryny, zähmetkeş halkyň pikirlerini we umytlaryny beýan edip bilipdir. Magtymguly şu gün hem biz bilen bile... Halkyň dünýä, adamzada şeýle şahyry bermeginiň özi nähili bagt!». Şol dabarada Pakistan ýazyjylarynyň assosiasiýasynyň başlygy Jemaleddin Aliniň eden çykyşyndan hem bir parça getireliň: «Beýik şahyr diňe bir öz ýurdy üçin däl-de, eýsem, ähli ýurtlaryň halklary üçin ýazýar. Munuň sebäbi dünýäniň ähli ýönekeý adamlarynyň arzuwlarynyň we ymtylmalarynyň gabat gelýänligindedir. Olaryň hemmesi zuluma garşy, şeýle hem parahatçylygy, gowy ýaşamagy we ýüregiň emrine eýermekligi isleýärler. Şonuň üçin hem halk üçin ýazýan ýazyjy beýikdir. Magtymguly hem şeýle şahyr bolupdy we şonuň üçin hem şu gün türkmen halky bilen bilelikde dünýäniň dürli ýurtlarynyň ýazyjylary hem beýik türkmen akyldaryna çuňňur hormat goýýarlar we bu beýik ynsany tüýs ýürekden hormatlaýarlar». Dünýäniň ençeme ýurtlarynyň halklary 1983-nji ýylda Magtymgulynyň doglan gününiň 250 ýyllygyny hem uly baýramçylyk hökmünde belläp geçdiler. Wengriýada ýubileýe taýýarlyk 1979-njy ýylda türkmen akyldar şahyrynyň saýlanan eserlerini milli dile terjime etmekden başlandy. «Magtymguly Pyragy. Arzuwyndan aýra düşen» at bilen çap edilen kitapda türkmen şahyrynyň 120-den gowrak goşgulary ýerleşdirildi.

1979-njy ýylda wenger edebiýatçylarynyň Magtymgulynyň eserlerini terjime etmek boýunça başlan uly işleriniň başy türki dillerini we medeniýetini öwrenýän wenger hünärmenleri üçin gymmatly bolan başga bir taryhy waka bilen – Budapeşt uniwersitetiniň professory German Wamberi tarapyndan Leýpsigde Magtymgulynyň eserleriniň çap edilmeginiň 100 ýyllygy bilen gabat geldi. Wamberi 1863-nji ýylda ýurt gezýän gedaý-derwüş ýaly, Türkmenistana aralaşypdyr we Wengriýa Pyragynyň goşgularynyň golýazmalaryny alyp gidipdir. Wenger ýazyjylar birleşiginiň edarasynyň agzasy D.Endre Wamberiniň Magtymgula bolan garaýşy barada şeýle ýazýar: «German Wamberi Magtymgulynyň goşgularyna örän ýokary baha beripdir we türkmen akyldaryny dünýäniň ähli kitaplaryna we ylmyna akyl ýetiren gudratly adam hasaplapdyr. Wamberi ilkinji bolup Magtymgulynyň goşgu-

laryny wenger edebi jemgyýetçiligine elýeterli etdi. Häzirki wagtda Wengriýada Magtymgulyny onuň köpsanly täze terjimeleriniň üsti bilen has giňden tanaýarlar... Watanyň ykbalyna gynanjy bilen türkmen klassyky erkinlige we hakykata çagyran beýik wenger şahyry Şandor Petefä örän ýakyn. Iki halkyň uçursyz zehinlerini bölýän taryhy aralyga seretmezden, olary «pikirdeşler» diýip atlandyrsa bolar. Bu bolsa bizi has-da ýakynlaşdyrýar».

Türkmenistanyň öz mukaddes Garaşsyzlygyna eýe bolmagy bilen türkmen halkynyň şöhratly taryhyny we baý medeni mirasyny düýpli öwrenmek, ony aýawly saklamak hem-de bütin dünýäde giňden wagyz etmek üçin giň mümkinçilikler döredildi. Türkmenistanyň daşary ýurtlardaky diplomatik wekilhanalarynda, ozaly bilen bolsa ýurdumyzyň 1995-nji ýylda Hytaý Halk Respublikasynda açylan ilçihanasynda habar-düşündiriş işini alyp barmak, şol sanda medeni mirasymyzy dünýä jemgyýetçiliginiň arasynda ýaýratmak işi örän işjeň häsiýete eýe boldy. Hytaýda Türkmenistan, onuň syýasaty, ýurduň ykdysady, medeni taýdan ösüşi barada hytaý dilinde kitaplaryň çykarylmagy hem uly ähmiýetli waka boldy. Mysal üçin, 1996-njy ýylda şu setirleriň awtory tarapyndan çapa taýýarlanylan «Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy – asyrlarboýy abadançylyk» atly 265 sahypadan ybarat bolan Hytaýyň kitap (makalalar ýygyndysy) Hytaýyň «Dunfan» («Gündogar») neşirýatynda hytaý dilinde çap edildi. Şol ýylyň 11-nji oktýabrynda Türkmenistanyň HHR-daky Ilçihanasy tarapyndan Pekiniň «Kempinski» atly halkara myhmanhanasynda geçirilen kitabyň tanyşdyrylyş dabarasyna hytaý ýolbaşçylarynyň we DIM-iň wekilleri, daşary ýurtly diplomatlar gatnaşdylar. Dabara Türkmenistanyň we Hytaýyň KHBS-i tarapyndan giňden şöhlelendirildi. Hususan-da, 1996-njy ýylyň 16-njy oktýabryndaky sanynda Hytaýyň «Ženmin žibao» («Halk gazeti») atly merkezi gazeti «Bu kitabyň Hytaýda çap edilmegi Türkmenistanyň Bitaraplyk syýasatyny hytaý halkyna düşündirmekde, däp bolan hytaý-türkmen dostlugynyň pugtalanmagynda oňaýly rol oýnar» diýip ýazdy.

Magtymguly Pyragynyň goşgular ýygyndysynyň 2000-nji ýylda Hytaýda, Pekiniň «Halk edebiýaty» neşirýatynda ilkinji gezek çap edilmegi Türkmenistanyň HHR-daky Ilçihanasynyň we Pekiniň Merkezi Milletler uniwersitetiniň arasynda ýola goýlan döredijilikli hyzmatdaşlygynyň netijesinde mümkin boldy. Bu kitap türkmen akyldarynyň 50-ä golaý goşgularyny özünde jemledi we olary ýokarda agzalan uniwersitetiň professory Minewer Habibulla gyzy hytaý diline terjime etdi.

2000-nji ýylyň 12-nji fewralynda Hytaýda Magtymguly Pyragynyň goşgular ýygyndysynyň hytaý dilinde neşir edilmegi mynasybetli, Türkmenistanyň HHR-daky Ilçihanasynda kabul edişlik bolup geçdi we onda «Halk edebiýaty» neşirýatynyň ýolbaşçylygy Türkmenistanyň HHR-daky ilkinji Ilçisi, professor

A.Rahmanowa onuň bu kitaby hytaý dilinde çapa taýýarlamakda beren köptaraplaýyn ýardamy, şeýle hem ýygynda ýazan göwrümli «Girişi» üçin hoşallyk bildirdi. Öz gezeginde, ýokary derejeli türkmen diplomaty türkmeniň akyldar şahyry Magtymguly Pyragynyň goşgular ýygyndysynyň Hytaýda neşir edilmeginiň uly taryhy-medeni waka bolup durýandygyny, kitabyň hytaý okyjylaryna Magtymgulynyň döredijiligi bilen tanyşmaga, şahyryň döreden ölmez-ýitmez nusgalyk goşgularyna çuňňur baha bermäge mümkinçilik berjekdigini belledi, neşirýatyň işgärlerine özüniň minnetdarlygyny bildirdi.

Türkmenistanyň Prezidentiniň Karary bilen «2014-nji ýyl türkmen halkynyň beýik akyldar şahyry Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 290 ýyllygy» diýlip yglan edildi we bu sene diňe bir türkmen halky däl, eýsem, halkara jemgyýetçiligi tarapyndan hem uly baýramçylyk hökmünde bellenip geçildi. Onlarça ýurtlardan, şol sanda Hytaýdan gelen myhmanlar Magtymguly Pyragynyň poeziýasyna özleriniň haýran galýandyklaryny bildirdiler, tutuş adamzat üçin onuň döredijiliginiň müdimilik ähmiýetini bellediler.

Gündogaryň beýik şahyry Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 290 ýyllygy mynasybetli Pekinde we Urumçyda dürli baýramçylyk çäreleri geçirildi. Hytaýyň Merkezi milletler uniwersitetiniň we Sinszýan uniwersitetiniň alymlary tarapyndan türkmen we hytaý dilinde Magtymgulynyň 45 eserinden ybarat bolan goşgular ýygyndysy çap edildi. Umuman, Magtymgulynyň doglan gününiň 290 ýyllygy mynasybetli Hytaýda geçirilen çäreler Hytaý jemgyýetçiliginiň barha köp böleginiň beýik Magtymgulynyň döredijiligi bilen tanyş bolmagyna, iki ýurduň medeniýetleriniň ýakynlaşmagyna köp derejede ýardam etdiler. Şu ýerde Magtymguly Pyragynyň Hytaý bilen bagly käbir oý-pikirlerine degilip geçilmegi maksadalaýyk bolsa gerek. Türkmeniň beýik şahyrynyň döredijiliginde «Göwün istär, gezsem Çyn-Maçyn», «Çyn-Maçyn, Rum (ýagny Türkiýe), Horezmi ýördüm ykbal agtaryp...» ýaly setirlere duş gelse bolýar[4, 23, 45, 32, 212 ss.].

Beýik akyldar şahyrymyz Magtymguly Pyragynyň döredijiligi diplomatlara mahsus bolan gylyk-häsiýetler baradaky ündewlere hem örän baýdyr. Geliň, şol ündewleriň käbirleriniň üstünde hem gysgaça durup geçeliň. Ozaly bilen, akyldar şahyrymyzyň «akyl – ruhuň şatlygy, körzehinlik – betbagtlyk» diýmek bilen, öz ündewleriniň arasynda ilkinji orunlaryň birinde ýiti akyllylygy, akylyň özbaşdaklygyny, pikir ýöredip bilmekligi goýandygyny belläp geçeliň. Akyldar şahyrymyz şeýle hem diňe hakykata uýmaklygyň ynsany beýgeldýändigini, diňe hakykatyň jemgyýeti betbagtçylykdan gorap biljekdigini nygtamak bilen, dogruçyl bolmaklygy ündew edýär. Özüniň döredijiliginde ruhy atamyz adamlary adalatly, edepli, mähirli, mylaýym, akgöwünli, ýakymly, sypaýyçylykly, ünsli, umuman, gowy gylykly bolmaklyga, ýaşulyny sylamaklyga we oňa hormat goýmaklyga uly ähmiýet berýär. Beýik şahyrymyz şeýle hem halal işlemeklige, az geplilige, ugurtapyjy-

lyga, ýatkeşliklige, sabyrlylyga, jedele goşulmazlyga, tutanýerlilige, işjeňlige, iş başarjaňlyga, diňleýjilik ukybyna, habar soralmaýan ýerde diliňi saklap bilmeklige, ýeterlik derejede özüne erk edip bilmeklige, parahat häsiýetlilige, özüňi deňeşdirmekde tanamaklyga, paýhasly pikirlerden ýüz öwürmezlige, ýagdaýa dogry baha berip bilmeklige, sözläňde söz aslyna ýagşy ýetmeklige, öz nukdaýnazaryňy aýdyň we sowatly beýan edip bilmeklige, ýagşy işler etmeklige, ýagşyny ýamandan tapawutlandyryp bilmeklige, sözüňe ygrarly bolmaklyga ýokary baha berýär.

Akyldar şahyrymyzyň diňe özünde akyly bolan adamyň akyla baha berip biljekdigi, onuň üçin paýhasynyň zerurdygy, zähmete bolan söýgini her adamyň ýüreginde saklamalydygy, hakykaty köpeltmekligiň wajyplygy, ähli zatda – sözde, hereketde çeni-çaky bilmekligiň möhümdigi, dünýäde her bir ynsanyň gowulykdan yz galdyrmaklygy, Watana, halka wepaly bolmak ýaly ündewleri hem onuň hiç wagt gymmatyny ýitirmeýän nesihatlaryna degişlidir.

Ylym medeniýetiň iň möhüm bölegi we adamzadyň döredijilik zehininiň iň ýokary ýüze çykmalaryndan biridir. Ylmyň gazananlary umumadamzat ähmiýetine eýedir. Hut şonuň üçin hem Magtymguly Pyragynyň döredijiliginde ylmyň ýokary ähmiýeti açylyp görkezilýär. Şeýle hem akylly, parasatly adamlaryň jemgyýetde alada bilen gurşalyp alynmagy, ýaşlarda şeýle adamlara bolan ýokary hormaty terbiýelemek, olarda ylma bolan söýgini döretmek we ösdürmek ýaly ündewler uly orun tutýar. Muňa akyldar şahyrymyzyň: «Alymlara uýsaň açylar gözüň», «Alymlaryň sözün diňle, nesihatyn al-göter», «Alymlaryň kitaplarynda pähimli sözler köp», «Alymlar kemelse, edep tapmaz sen», «Akylly adam bilen dostluk şöhrat getirer», «Alymlar ýanynda söhbet ýagşydyr», «Mynasyp adamlarda nazaryňy sakla», «Pähimli maslahatdan ýüz öwürme», «Öz ädimiňi akyllynyň sözleri bilen ölçe», «Biz akylly adamlar bilen dostlaşmak gerek» ýaly gymmatly nesihatlary hem şaýatlyk edýär we şol ündewler türkmeniň däbinde, döwletimiziň özbaşdak, berkarar döwleti gurmak baradaky meýilnamasynda mynasyp orun tutdylar. Muny Türkmenistanyň daşary syýasatda ylmyň arkalaşygyna bagly bolup durýandygyndan, döwletimiziň daşary syýasatynyň we diplomatiýasynyň ylmy esaslarynyň yzygiderli pugtalandyrylmagyny talap edýändiginden gelip çykýandygyny aýdyň subut edýär. Türkmen diplomatlarynyň daşary syýasatyň we diplomatiýanyň ylmy esaslaryny gowy bilmekleriniň, olaryň amaly diplomatik işiniň netijeliligini ýokarlandyrýandygyny, şeýle hem halkara gatnaşyklaryň nazaryýetiniň ösmegine ýardam edýändigini tejribe görkezýär. Şu jähetden, geljekki türkmen diplomatlarynyň diplomatik gullugyň esaslaryny düýpli özleşdirmekleri bilen bir hatarda, olaryň ylmy işe – wajyp halkara meseleleriň ylmy taýdan işlenilmegine işjeň çekilmekleri hem örän möhüm ähmiýete eýe bolýar. Munuň özi olarda amaly diplomatiýany amala aşyrmaklygy we daşary syýasatyň hemde diplomatiýanyň meseleleriniň ylmy taýdan işlenilmegini utgaşdyrmak boýunça endikleri işläp taýýarlamaga köp derejede ýardam edýär.

Beýik akyldarymyz we söz ussadymyz Magtymguly Pyragy özüniň döredijiliginde: «Akyl kesmez, dür ýasalmaz ussatsyz», «Magtymguly, tälim algyn ussatdan» «Ýaşlara ýol görkezmek üçin ussatlar gerek», «Görelde bolup hyzmat edýän akyldarlar gerek», «Pähimli we mähirli adamlardan sapak al», «Öz ussatlyklaryny ýokarlandyrmak üçin ussadyň endiklerini onuň şägirtleri özlerine geçirýärler», «Mugallymyň kömegi bolmasa, akyl edinmersiň» ýaly ündewleri öňe sürýär. Bu bolsa onuň jemgyýetde ussatlyga we ussada beren aýratyn ähmiýetinden habar berýär [1, 3 s.].

Dörän şu mümkinçilikden peýdalanyp, halkaraçy-alym we diplomat hökmünde men, özümiň ynançlarymyň, umuman, dünýägaraýşymyň emele gelmeginde we kämilleşmeginde beýik akyldar şahyrymyzyň döredijiliginiň uly orun tutandygyny aýratyn belläp geçmekçi. Bu bolsa maňa köp derejede Watanymyzyň ösüşiniň esasy ugurlarynyň ençemesi boýunça üstünligiň iň ýokary derejelerine çykmaga we onlarça ýyllaryň dowamynda iň ýokary diplomatik wezipeleri talabalaýyk, ýokary netijeli dolandyrmagyň girewlerini elimde mäkäm saklamaga mümkinçilik berdi. Türkmenistanyň diplomatik gullugynyň işgärleri tarapyndan beýik şahyrymyzyň döredijiliginiň hemişe düýpli öwrenilmegi we onuň amaly işde döredijilikli peýdalanylmagy ýurdumyzyň diplomatik gullugynyň, onuň daşary syýasatynyň netijeliliginiň yzygiderli artmagyna ýardam eder.

## EDEBIÝAT

1. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Magtymguly – ynsan kalbynyň ruhy lukmany. Magtymguly eserler ýygyndysy. – A.: TDNG, 2014.

2. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmeniň döwletlilik ýörelgesi. – A.: TDNG, 2020.

3. *Magtymguly*. – A.: TDNG, 2008.

**Jumamyrat Gurbangeldiýew**
*Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň*
*Halkara gatnaşyklary institutynyň rektory,*
*taryh ylymlarynyň kandidaty.*

## XVIII ASYRDAKY ORTA GÜNDOGAR GEOSYÝASATYNYŇ «ULY OÝNUNDA» MAGTYMGULY GÖÇÜMI

Hormatly Prezidentimiziň ýurdumyzda öňdebaryjy ylmy-barlaglary alyp barmak üçin döredip berýän zerur şertleri alymlarymyzy we bilermenlerimizi täze-täze açyşlara ruhlandyrýar. Şu nukdaýnazardan beýik akyldar şahyrymyz